# Iman näme?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

**Sorag:** Esselämu aleýkum. Iman näme?
**Jogap:** Waleýkum esseläm.

Iman sözüniñ arapça sözlük manysy “tassyk” diýmekdir. Bir kişi “Allaha iman etdim” diýse, “Allahy tassyk (kabul) etdim” diýmekligi añladar.
Şerigatda bolsa: “Iman kalbyñ bilen tassyk etmek, dil bilen aýtmak (ykrar) etmek we bedeniñ bilen amal etmekdir, iman ýagşy amal etmek bilen artar, günä iş etmek bilen azalar” diýip, ähli-sünnet alymlary düşündirendirler. Ymam Buhari (rahimahullah) aýdýar: “1080 kişiden hadys aldym, olaryñ içinde diñe hadysçylaram bardy. Olaryñ hemmesi: “Iman söz we amaldan ybaratdyr, artar we kemeler” diýerlerdi.” *(el-Lalekai, Şerhu Itikadi Usulu Ehlis-Sunne)*
Hanafi alymlaryndan Ibn Ebil-Iz el-Hanafi (rahimahullah) şeýle diýýär:
"Ymam Mälik, Şafi, Ahmed, Ewzai, Ishak bin Rahaweýh, başgada ençeme hadysçylar, Medineliler, Zahiriler, we kelamçylardan bir topar jemagat imanyñ kalp bilen tasdyk, dil bilen aýtmak (ykrar) we bedeniñ bilen amal etmekdigine ijma etdiler.” *(Şerhul-Akideti-Tahawiýýe)*
Ýokardaky agzalan imanyñ düşündirlişinden hem belli boluşy ýaly hakyky iman kalbyñ bilen şeksiz-şübhesiz ynanyp tasdyk etmekdir, soñra diliñ bilen aýtmakdyr we ol tasdyk edip, diliñ bilen ykrar eden zadyña amal etmekdir. Bu üç zady özünde jemlän kişä mü'min diýilýär. Eger bir kişi dili bilen iman etdim diýse we bedeni bilen amal etse, emma kalby bilen ynanyp, tasdyk etmese bu kişiniñ iman etdigi bolmaz. Eger-de kalbyndan ynanyp, dili bilen aýtsa, emma amal etmese bu-da kämil iman eýesi bolup bilmez. Amalsyz imandan peýda ýokdur. Eger diñe Allaha ynanyp, tasdyk etmekden peýda bolsady, Iblis kapyr bolmazdy. Çünki Iblis Allahy inkär etmeýärdi. Iblis Allaha ynanýardy. Hatda Iblisiñ günümizde käbir ynsanlaryñ aýdyşy ýaly Allahy gören barmy? Ýa-da o dünýä gidip gelen barmy? ýaly soraglary ýokdy. Iblis Allah tagalanyñ buýrugyny ýerine ýetirmänligi üçin kapyr boldy. Kuran-Kerimde Allah tagala Iblis barada: “Haçanda biz perişdelere Adama sežde ediñ diýenimizde. Olar sežde etdiler, diñe Iblis tekepbirlendi we kapyrlardan boldy.” *(Bakara,34)*

Akyda-da imanyñ meşhur Jibril hadysynda beýan edilişi ýaly alty sany rüküni bardyr. Iman: Allaha, perişdelere, kitaplara, pygamberlere, ahyrýet gününe we kadara iman etmekdir. Bu alty rüküne iman etmeýän kişi kapyr bolar.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

[www.ahlusunnet.com](http://www.ahlusunnet.com)